# Sen garrama…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Sen garrama… SEN GARRAMA…



Ýyllar akar durar şol bir arykdan,
Ak sepeläp saçyň her bir taryna.
Sen kaýyl bol bu ahwala darykman,

Ýöne welin bir haýyştym-garrama!
Tikensiz gül ýokmuş, goý, şol tikeniň
Öz awusy bilen batsyn bagryma.
Meniň bu dünýäde ýalňyz dilegim:
Sen garrama, sen garrama, garrama!

Geçilmeli ýollar uzakdyr-uzak,
Ýyllar maňlaýyňa salmasyn gasyn!
Bu durmuşda gerek bolsa garramak,
Diňe biziň päk söýgimiz garrasyn!

07.11.2018 Goşgular